***13-nji iýunda geçirilen Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisinde Medeniýet we sungat işgärleriniň hem-de Magtymguly Pyragynyň şygryýet güni mynasybetli şu ýylyň 22 — 27-nji iýuny aralygynda Ahal welaýatynda Medeniýet hepdeligini geçirmäge görülýän taýýarlyk işleri barada hasabat berildi.***

Bellenilişi ýaly, hepdeligiň çäklerinde dürli mazmunly medeni çäreleri, şol sanda Nowruz ýaýlasyndaky «Türkmeniň ak öýi» binasynda Medeniýet hepdeliginiň açylyş dabarasyny, konsertleri, aýdym-sazly çykyşlary, maslahatlary, sergileri, döredijilik duşuşyklaryny, şygryýet agşamlaryny, filmleriň we sahna oýunlarynyň görkezilişini, Magtymguly adyndaky milli sazly drama teatry tarapyndan sahnalaşdyrylan «Şasenem-Garyp» operasynyň görkezilişini geçirmek göz öňünde tutulýar. Şeýle hem hepdelige gatnaşyjylaryň paýtagtymyzdaky «Magtymguly Pyragy» medeni-seýilgäh toplumynda beýik şahyryň ýadygärligine gül goýmak dabarasyna gatnaşmaklary meýilleşdirilýär.

***«THE ASHGABAT TIMES».***

Все права защищены

save pdf date >>> 05.12.2025